# Täçmahal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Täçmahal

TÄÇMAHAL

Saňa çümen dideleriň yzyny,
Saňa batan göreçleri gördüm men.
Synlaý-synlaý guzaýyňy- ygyňy,
Ýer tapmadym şol gözleriň derdinden.

Gün ýakaňda nagyş bolup, gül bolup,
Gatapdyr gujaklap Aýyň yzlaryn.
Eneleň hüwdüsi ýatyr heňlenip,
Hem gadym lälesi ulygyzlaryň.

Seni „adam eli gurdy“ diýseler,
Ynanaryn, ýöne maňa ynanmaz
Ak nurly gündizler, Aýly gijeler,
Hem seni keramat eýläp guranlar.

Sen Allahy gudrat içre dörän sen,
Sen bakylyk–ölmezligiň jogaby.
Töre düşen gelne meňzeş örän sen,
Aýagyňda gördüm gülli joraby.

Men özümi tapdym dideleriňden,
Owadan didaryň didämde meniň.
Ýör, gideli, hany, elleriňi ber,
Duýup gitmejegiň, eziz, hiç mahal,
Ýöne senden dönüp, nirä gideýin,
Täçmahal!..

Agra. 20.04.1992.

Öwezdurdy NEPESOW.

Goşgular